# Türkiýede hünärmen bolçulygy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Türkiýede hünärmen bolçulygy TÜRKIÝEDE HÜNÄRMEN BOLÇULYGY




Türkiýede uly iliñ öñüne çykyp, hemme zady bilýänsireýän, hemme zatdan baş çykaransyraýan köpbilmişlerden kän zat ýok. Munuñ üçin türk teleýaýlymlaryna, aýratynam çekişme gepleşiklerine ýeke gezek göz aýlamagyñyz ýetik.
Maña-da ýakyndan tanyş bir professor tanşym her gün ekrana çykyp, dürli temalara düşündiriş berýär. Siriýa, Yrak, Owganystan, ABŞ, Russiýa, Ukraina ýaly halkara temalaryñ ýany bilen harytlaryñ bahasynyñ galmagy, Merkezi bankyñ prosenti ýokarlandyrmak karary, Stambuldaky we Ankaradaky infrastruktura meseleleri, ýagny aklyñyza gelibiljek her ugurda hünärmen-bilermen hökmünde pikirini beýan edýär. Jemgyýetçilik tarapyndan ýañsa alnyp, «herşeýolog» («hemme zady bilýänsireýän köpbilmiş») diýilýän bular ýalylardan näçe diýseñ bar, ite dökün. Bulary hemmeler bilýär, tanaýar. Şonuñ üçin olary ýeke-ýeke atlandyryp, giñişleýin durup geçmegiñ geregi ýok.
Meniñ üstünde durup geçmek isleýänlerim hakyky hünärmenler. Ýurtda gytçylyk edýänler-de, hakyky işine ezber adamlar.
Günbatar, ýagny ABŞ we Ýewropa bileleşigi Türkiýede iñ köp üstünde durulýan, gürrüñi edilýän, jedelleşilýän temalaryñ başyny çekýär. Şonsuzam biziñ durmuşymyzy, syýasatdan ykdysadyýete, tehnologiýadan sosial mediýa çenli köp derejede Günbatar şekillendirýär.
Muña garamazdan Günbatary we Günbatar dünýäsini bilýän hünärmenlerimiziñ sany barmak büküp sanasañ bäşe ýetmeýär.

Ýewropada biziñ iñ köp garym-gatym bolan ýurdumyz Germaniýa. Elli ýyldan gowrak wagt bäri üç million çemesi türk şu ýurtda ýaşaýar.
Ýewropadaky iñ uly söwda partnýorymyzam Germaniýa. Muña garamazdan Türkiýede Germaniýa boýunça hünärmen hasaplap boljak türküñ sany daş çakyşdyryp oýnañda ondan geçmeýär.
Elbetde, hünärmen diýenimizde diñe orta derejede nemesçe gürläp, nemes taryhy ykdysadyýýeti boýunça az-owlak bilýän çalaçatma professorlar däl.
Biziñ aýdýanymyz, Germaniýanyñ taryhyny, ykdysadyýýetini, pelsepesini, tehnologiýasyny, edebiýatyny änigine-şänigine çenli bilýän, nemes diliniñ ähli şiwelerini suwara bilýän, nemesleriñ kellegurluşyny, añ-düşünje terzini bilýän, birnäçe ýyllap şol ýurtda ýaşap, ylmy-barlag işlerini geçiren hakyky alymlar.
Beýle adamlaryñ sany Türkiýede, ýokarda aýdyşymyz ýaly barmak büküp sanasañ, bäşe ýetmeýär.
Şeýle ýagdaýy Fransiýa, ABŞ, Kanada ýaly Günbatar ýurtlary üçinem aýdyp bolar.
Goñşularymyz barada aýdanda bolsa, Türkiýede Eýran, Yrak, Siriýa, Gürjüstan, Bolgariýa ýa-da Gresiýa boýunça hünärmenleriñ sany-da ýok diýiljek derejede az.
Elbetde, bu ýurtlara gidip-gelen, dillerini, medeniýetlerini az-uçuk bilýän köp adam bar, emma meniñ aýdýanym, bu ýurtlary uzak ýyllaryñ dowamynda öwrenen, ylmy-barlag işlerini geçiren, dilini, medeniýetini suwara bilýän alymlar ýok.
Dilimizden düşürmeýän Türk dünýäsine gezek gelende bolsa, ata watanlar bilen ýakynlaşmaga we gujaklaşmaga gönükdirlen otuz ýyllyk işlere garamazdan, Türkiýede bu ýerlere belet, şol sanda gazak, özbek, türkmen ýa-da uýgur dillerinde gürläp bilýän türk alymlarynyñ sany 20-30-dan geçenok.
Muña garamazdan türk dilinde erkin gürläp bilýän millionlarça Orta Aziýaly bar.
Halkara temalara syn berip bilmek üçin hemme zatdan ötri iñlis dilini suwara bilmek gerek.
Galyberse-de, dünýä boýunça çykýan ylmy-populýar neşirleriñ 80%-i iñlis dilinde çap edilýär.
Emma Türkiýede professor diýilýänleriñ köpüsi öz sözüni dogry düşündirip biljek derejede-de iñlisçe bilenok.
Türkiýäniñ «TRT» döwlet teleýaýlymynyñ iñlis dilinde berilýän «TRT World» kanalynyñ gepleşiklerine seredip göräýiñ.

Her gün agşam ekranlarymyzy «basyp alýan» professorlar ýa-da ylymlaryñ doktorlary bolan «herşeýologlaryñ» bir-iki sanysy bolaýmasa, köpüsi «TRT World»-yñ gepleşiklerine çykyp, pikirlerini beýan edip bilenoklar, sebäp iñlisçe bilişleri ýabygorly.
Ýogsam bolmasa bular her temadaky bilýänu-bilmeýän zatlaryny dünýä jemgyýetçiligi bilenem paýlaşmak islärdiler.
Türkiýede iñlis dilinde bilim berýän onlarça fakultet bardygyna garamazdan, «TRT World»-yñ habar spikerligini alyp barýanlar suwara iñlisçe bilýän päkistanly, hindistanly ýa-da arap žurnalistlerinden doly.
Elbetde, kanalda türk korrespondenti-de bar, emma ýok diýiljek derejede az. «TRT World» teleýaýlymynyñ adminstrasiýasy suwara iñlisçe bilýän türk korrespondent tapyp bilýän bolsa, tebigy ýagdaýda daşary ýurtlularyñ ýerine türk ýaşlaryny alardy.
Diýmek, türk ýokary okuw jaýlary kanagatlanarly derejede işgär taýýarlap bilenok.
Hernäçe aç-açan boýnumyza almasak-da, janymyz-tenimiz bilen öýkünilýän we her meselede nusga alynýan Günbatarda «herşeýolog» diýilýän zat ýok.
Hiç kim bilermen hökmünde hemme temada lakgyldap ýören adamy diñlänok.
Şonuñ üçinem Günbatar teleýaýlymlarynda Siriýadaky we Owganystandaky ýagdaýlar barada aýdandan soñ, şobada Merkezi bankyñ prosentleri galdyrandygy we harytlaryñ bahalary barada pikirini beýan edýän «hünärmene» gabat gelmersiñiz.
Ýokary hilli, hakyky we peýdaly maglumatlar edinmek üçin ekranlary haýal etmän «herşeýologlardan» halas etmeli.
Emma ekranlaryñ başyna musallat bolup inen «herşeýologlar» mediýamyzyñam bähbidine bolandygy üçin olardan halas bolmak añsat düşmejege meñzeýär.
Owadan gürlemekden başga zat bilmeýän «professor», «doktor», «pensiýadaky ilçi», «otstawkadaky general» ýaly atly-derejeli birküç sany adamy çagyryp, 2-3 sagatlyk gepleşigi bolgusyz we manysyz çekişmelerden doldurmak teleýaýlymlara-da ýaraman duranok.
Şeýle «hünärmenleriñ» teleýaýlymlarda edýän gürrüñleri köplenç gözden sypýar, munuñ özi gepleşigi alyp baryjylaryñam şolañ özi ýaly gürrüñi edilýän temadan daşdygyny we bihabardygyny görkezýär.
Her gün diýen ýaly ekrana çykyp ýören otstawkadaky türk

generaly Özbegistany Hazar deňziniň ýakasyndaky ýurt diýip aýtsa, başga bir tanymal türk taryhçysy Babyryň gubury Hyratda diýýär.
Ýene biri Eýrandaky özbek ilatyndan söz açýar. Ýogsam bolmasa, iň bolmanda ýekeje gezek Google girip seretseňem, bu baradaky hakyky maglumatlary okap bolýar-a!
Hazar deňziniň ýakasyndaky ýurt Özbegistan däl, Türkmenistan! Babyryň gubury-da Hyratda däl, Kabulda.
Eýranda bolsa özbek ilaty ýok, gaýtam Türkmenistana çäkleşýän ýerinde 4-5 million türkmen ýaşaýar.
Dünýäde öz ugruňa ezberleşmegiň we abyny-tabyny almagyň barha ähmiýetleşýän wagty, biziň «herşeýologlaryň» sözüni sypdyrman diňlemegimiz, hem zyýanly, hem howply.
Şol sebäpli, iň gowusy ýol ýakyndaka dolananyň ýagşy. Her näme-de bolsa, atalarymyzyň aýdyşy ýaly, «zyýanyň niresinden gaýtsaňam, peýdadyr».
Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

24.08.2022 ý. Publisistika